# Sypjyk / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Sypjyk / satiriki hekaýa SYPJYK

– «Ýalany goý, çyndan getir, oňarmasaň lal bol otur» diýipdirler. Sen bir aňsat eklenç gözleýän, myžžygyny çykaraýmaly kezzabyň tarypyny ýetirdiň welin, menem bir çyn wakany beýan eýläýin – diýip, dälişgen Gelen aga myssa ýylgyryp, adamlara ýiti-ýiti seretdi.
– Mälik ussany-ha tanaýansyňyz? Ynha, şonuň kakasy Änewde özi ýaly kesir ussa bilen guda bolupdyr. Galyňyň ujundanam on sany öweji öz täze öýdeniçerinden iberipdir. O zaman maşyn barmy ýükläp äkidäýer ýaly. Öweçleri özüň paýy-pyýadalap sürüp äkitmelisiň. Ondan-mundan çöplenip, entek biri-birine öwrenişmedik goýunlary birikdirip sürmegiňem nähili hupbatdygy özüňize belli!
Guda bolan ussanyň täze öýdeniçeri ýolda bir ýatyp, Änewe barýar-da, öweçleri hem ýany bilen haty kesir ussa gowşurýar. Guda boljak haty okaýar-da:
– Ah-ow, ýigit, senden iberilen goýunlar on sany ekeni-le? – diýip urýar hemläni.
– Hawa, on diýdiň, ondy.
– Bu getireniň dokuz goýun ahyryn, orramsy?!
– Meniň adym orramsy däl. Meniň adym Esgerdir. Dokuz diýseň, dokuzdyr.
– Esgermiň, bolköýnekmiň, ol öz işiň. Ýöne men saňa on sanynyň deregine dokuz goýun getiripsiň diýýän! Şoňa-da düşüneňokmy?!
– Dokuz bolsa dokuzdyr-da.
– Goýunlar on bolmaly. Ynha, şu hatda ýazylypdyr: on, on, on !!!
– On bolsa ondur-da.
Ozalam kesir gudanuň gahary kekirdegine gelýär. Bu tentege on bilen dokuzyň tapawudyny nädip düşündirip bolarka? – diýip, böwrüni diňleýär-de, derrew goňşularyndan on sany adam jemleýär.

– Şu adamlar näçe?!
– Bular ondur, agasy, ondur!
– Şuny-ha bilýän ekeniñ. Hany goñşular, heriñiz bir goýny tutuñ!
Goñşular ýerli-ýerden topulyp, hersi bir goýny tutýar. Ýöne adamlaryñ biri boş galýar.
– Ine, gördüñmi? – diýip, guda Esgeriñ gözüne barmagyny sokaýjak bolýar – bir adam boş galdy, boş!
Öýdeniçerem dodagyny çommaldyp, mönsüräp:
– Olam ylgan bolsa birini tutardy ahyryn – diýip, içýakgyç jogap berýär.
Şu jogaby eşidenden, kesir guda bu öýdeniçeriñ mahawlardan däldigine, mekirlerdendigine derrew düşünýär. «Hä, gajymal deýýus» diýip, taýak bilen suñşuryberýär. Eger goñşular ara düşmedik bolsalar, guda ony maýyp edäýjek ekeni.

Ata DURDYÝEW. Satiriki hekaýalar